# It urşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
It urşy

IT URŞY

Iki it uruşdy, it urşun eýläp,
Ahmalyna garap, ahmalyn peýläp,
Biri-birlerini çeýnäp, çeýnäp.
Iki it uruşdy.

Eýeleri bilmän çydap,
Olar ele alyp hanjar,
Kä böwürden kä-de kebzeden sanjan,

Kimi ýüreginiň üstünden sanjan,
Iki it üstünde giden bir oba,
Bolupdyr pida.

Boş galan obada galan iki it,
Ertir bir-biriniň ýalapdyr ganyn.
Serlen maslyklara çozanda aç gurt,
Birleşip, olaryň alanlar janyn.

Eý, adam!
Gülden näzik, daşdan dözümli adam,
Käte, itçe ýoklugyňa gynandym.

Öwezdurdy NEPESOW.

Goşgular